Türkmen halkynyň milli buýsanjy, asylly hem-de ajaýyp Ahalteke bedewleri taryhyň dowamynda dürli synaglary başdan geçiripdir. Olaryň iň agyr döwürleriniň biri—Sowet Soýuzynyň repressiw döwri bolup, Staliniň diktatura režimi Ahalteke bedewlerine uly zarba urdy.



XX asyryň ortalarynda, Staliniň dolandyryşy döwründe Ahalteke bedewleri buržuaziýanyň we köne däp-dessurlaryň nyşany hökmünde ykrar edilip, yzarlanmalara duçar boldy. Türkmenleriň gadymy medeniýetiniň we atçylyk sungatynyň aýrylmaz bölegi bolan bu bedewler, şol döwürde ideologiýa taýdan “geriz” hasaplanyp, ýok edilmek howpy bilen ýüzbe-ýüz boldy.

Köp sanly bedew öldürildi, käbirleri bolsa öz asyl görnüşinden daşlaşdyrylmak maksady bilen pes hilli tohumlar bilen garylmagyna sezewar boldy. Bu çemeleşme Ahalteke tohumynyň düýpgöter ýitip gitmek howpuny döretdi, olaryň arassa nesil ýörelgelerine we genetiki aýratynlyklaryna uly zyýan ýetirdi.

Şeýle-de bolsa, türkmen halkynyň bedewlere bolan çäksiz söýgisi we ygrarlylygy bilen Ahalteke atlarynyň nesli doly ýok edilmekden halas boldy. Atçylyk sungatynyň ussatlary we bedewler bilen baglanyşykly asylly däp-dessurlary dowam etdiren hünärmenler, bu ajaýyp tohumy saklamak üçin uly tagallalar edip, Ahalteke bedewleriniň şöhratyny häzirki güne çenli ýetirdiler.

Häzirki wagtda Ahalteke bedewleri diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem tutuş dünýäniň

Все права защищены

buýsanjyna öwrülip, sungatyň, gözelligiň we çaltlygyň ajaýyp nusgasyna öwrülýär. Olar gadymy taryhyň çuňlugyndan biziň günlerimize gelip, öz arassa nesil aýratynlyklary bilen dünýä atçylygynyň merjeni bolup galýar.

Ahalteke bedewleriniň bu şanly mirasy, Türkmenistanda uly hormat bilen saklanyp, döwrebap tehnologiýalar we hünärli atşynaslaryň tagallalary bilen ösdürilýär. Şeýlelikde, bedewleriň taryhyň içinde başdan geçiren synaglaryna garamazdan, olaryň şöhraty hemişelik ýaşaýar.

**Aýbars El Harezmi**

Все права защищены